# Okuwlymy ýa-da bilimli?!

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Okuwlymy ýa-da bilimli?! OKUWLYMY ÝA-DA BILIMLI?!.



Işe başlan ilkinji günlerimiň birinde, birinji sagat sapaga girenimde ýokary synp okuwçylarynyň ýarysyndan köpüsi heniz okuwa gelmändir. Žurnala bellik etmeli bolanynda ýaýdandym dogrusy. Munça "gm" goýaýsaň nähili bolar. Gatnaşygy almaga

gelen terbiýeçilik işleri boýunça orunbasardan "näme etmelidigini" soranymda birinji sagadyň ahyryna çenli garaşmalydygymy aýtdy. Bu ýagdaýlar şol synpda her gezek ilkinji sagadyna sapagym düşende gaýtalanýardy. Sapagyň ahyryna çenli synp dolýar. Bu okuwçylaryň geleňsizligi, ýa-da ene-atanyň parhsyzlygy ba-da mekdep işgärleriniň gowşaklygymy?! Nähili düşünjegimem bilmedim.

Mekdep aslynda mukaddes ýer. Mekdep – bilim ojagy. Bu ýerde Watanymyzyň geljekki ykbaly çözülýär diýsegem ýalňyşmarys. Bu günki çagalar, ýaşlar, ertirki ýurdymyzy dolandyrmaly, milletimiziň abraýyny arşa galdyrmaly adamlar. Hut şonuň üçinem biz mekdepde berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak, çagalary terbiýelemekde ene-atalar bilen ugurdaş hereket edip terbiýelemek, olarda jogapkärçiligi döretmek, bilimli etmek boýunça aladanmaklygy özümize borç edinip ýüklemeli.

Işe başlanyma köp wagt geçmedigem bolsa, birnäçe synplara sapaga girip gördüm. Meni haýran galdyran zat şol synplarda ýekeje okuwçynyňam ýekeje gezek eline çeper eser alyp okany ýok eken. Okapdyrlar, edebiýat kitabynda geçilýän temalarda bölekleýin goýulan romanyň, dessanyň böleklerini. Ýöne dolulygyna eseri welin okany ýok. Dogrumy aýtsam, terjime edilenleri bolaýmasa, daşary ýurt edebiýatyndan okanlarym ýok. Ýöne öz çeper edebiýatymyz bilen tanyşmaýyşlary geň. Okuwçylaryň barynyňam esasy bir maksady bar: "attestaty üçlüksiz tamamlamak". Bäşlik baha almak üçin olar her geçmeli sapaklarynda taýýarlanybam gelýärler. Geçmeli diýýänim, özleri gündeliklerindäki bahalaryndan hasap ýöredýärler we şoňa laýyklykda okaýarlar. Sapakda geçilen temadan daşary ýekeje sözi hem artyk okaýsalar nädersiň? Hatda 4 sahypalyk ýazylan temanam köp görüp, onuň başdaky bir abzasyny ýat tutup gelýärler. Okuwçylar nädip bu derejä ýetdiler? Näme üçin okuwçylarda okamaga bolan höwes ýok?! We ol höwesi biz nädip döredip bilers?!

Gozgajak bolýan meseläміň işlän döwrümde birnäçe jogaplarynam tapdym:

1. Sapak wagtynda okuwçylary hatda mugallymlary hem "ýokardan" çagyryp, arkaýyn sapagy bölüp durýarlar.
2. Ene-atalaryň arasynda birdir-ýarymdyr bolaýmasa, çagalarynyň tertibi, okaýyşy bilen gyzyklanýany ýok. (Dogry, 3 alsa sögüşmäge gelýänlere gabat gelipdim.)
3. Sapakda hiç hili täzeçillik girizmän, şobir akym boýunça

gidip, sorag beren okuwçyny kötekleýän mugallymlaryň bolmagy.
Bir gezek şeýle waka boldy. Mugallymlar otagyna açarymy goýmaga barsam, 4-5 sany ýokary synp okuwçylary, ejeleri bilen bile dur ekenler. Şonda bir ejäniň "Men-ä halys boldum şundan, 10 ýyllyk ediňde, attetatam gerek däl, zadam, çykaraýyň okuwdan çykaryp bolýan bolsa, işläp öýe peýda edeni gowy" diýenine şaýat boldum. Ýa-da üç aýlyk tomus kanikulynda kiçi synplaryň ejeleriniň ilkinji soragy "haçan başlaýa gy okuw, basymrak başlaýmala, öýde üçüsi jemlense halys aňkam aşýar, mekdep ýarym salkyn güýmäýýädi-dä". Işe ýaran okuwçylaryňky bolsa "eýýäm kanikul dynaýdymy, biraz işledip peýdalanaýjakdykda, okuwdan pul barmy gy". Şu gürrüňleri eşdenimden soň ýene-de pikirler kellämi gaplaýar. Näme üçin biziň jemgyýetimiziň adamlarynyň arasynda bilim almaga bolan höwes ýok?! Näme üçin adamlar nadan bolmaklygy saýlaýarlar?! Nädip adamlarda bilime teşnelik döredip bolar?!
Hawa, orta mekdebi gutaryp ýokary okuw jaýyna girenlerem, girýänlerem ýeterlik bar. Olardan eýýäm önümçiligiň dürli pudaklarynda zähmet çekip başlanlary hem bardyr. Öz gutardan okuwçylaryma seredip, öz-özüme ýene sorag berýärin: "Biziň ýaşlarymyz okuwlymy ýa-da bilimli?!" Jemgyýetçilik tankydy